# BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYŇ HOWANYŇ ÜÝTGEMEGI BARADAKY ÇARÇUWALY KONWENSIÝASYNYŇ PARIŽ YLALAŞYGY

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2015-nji ýylyň sentýabr aýynda geçirilen 70-nji sessiýasynda Durnukly ösüş maksatlary, esasan hem “13-nji maksat: howanyň üýtgemegine we onuň täsirlerine garşy gyssagly çäreleri görmek” kabul edildi. Durnukly ösüş maksatlarynyň kabul edilmegi, howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly täze global ylalaşygyny - Pariž ylalaşygyny döretmek üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky çarçuwaly konwensiýasynda halkara gepleşiklerini çaltlaşdyrdy.

## TARYHY:

Klimat boýunça Paris ylalaşygy Kioto teswirnamasynyň ornuny tutmaga taýýarlandy we 2015-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Fransiýa Respublikasynyň Pariž şäherinde Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýanyň 21-nji mejlisinde kabul edildi. Ylalaşyk Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky çarçuwaly konwensiýasynyň  197 agzasy tarapyndan goldanyldy. Bu şertnama 2016-njy ýylyň 22-nji aprelinde Nýu-Yorkda gol çekildi; 2016-njy ýylyň 4-nji noýabrynda şertnama güýje girdi.

Türkmenistan Pariž ylalaşygyny 2016-njy ýylyň 21-nji oktýabrynda tassyklady.

## ESASY MAKSADY:

Pariž ylalaşygynyň maksady, global ortaça temperaturanyň ýokarlanmagyny 2°C-dan aşakda saklamak we Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky çarçuwaly konwensiýasynyň durmuşa geçirilmegini güýçlendirmek hem-de temperaturanyň ýokarlanmagyny 1,5°C çenli çäklendirmeklige ymtylmak bolup durýar.

**PARIŽ YLALAŞYGYNY TASSYKLAN DÖWLETLERIŇ BORÇLARY:**

Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky çarçuwaly konwensiýasynyň Pariž ylalaşygyna gol çeken Taraplar parnik gazlaryny azaltmak barada meýletin borç aldylar we pes uglerodly ösüşi saýlaýandyklary barada Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky çarçuwaly konwensiýasynyň sekretariatyna habar berdiler.

Paris ylalaşygyny ýurtlar tarapyndan durmuşa geçirmegiň esasy tapgyrlary:

- 2024-nji ýyla çenli az uglerodly ösüş üçin milli maksatnamalary, strategiýalary taýýarlamak we durmuşa geçirmek;

- 2024-nji ýyla çenli milli uýgunlaşma we mitigasiýa meýilnamalaryny taýýarlamak;

- 2024-nji ýylda parnik gazlarynyň zyňyndylarynyň we siňdirilmeleriniň milli seljerme ulgamyny ösdürmek we ornaşdyrmak;

- 2020-nji ýylyň fewral aýynda 2030-njy ýyla çenli milli goşantlaryň täze ýa-da kämilleşen görnüşleri tabşyrylmaly;

- Milli kesgitlenen goşantlary (MKG/NDC) her 5 ýyldan ösdürmek we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, şol sanda ygtybarly ölçeg, hasabat we barlamak (MRV) ulgamyny ornaşdyrmak;

- Täze tehnologiýalara zerurlyklara baha bermek;

- Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky çarçuwaly konwensiýasynyň adaty býujetine goşant goşmak üçin maliýe borçnamalaryny ýerine ýetirmek.